# Bilýänem dälsiň

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Bilýänem dälsiň BILÝÄNEM DÄLSIŇ

*“Sen bilýänem dälsiň, şojagaz pursat*
*Ýüregimde aýdym bolup galanyň”*
***Kakamyrat Rejebow***

“Sen bilýänem dälsiň, şojagaz pursat
Ýüregimde aýdym bolup galanyň”
Aňýanam dälsiň sen okara gözleň
Bu oglan göwnüme salan talaňyn.

Ah, sen şonda meniň ýanymdan däl-de,
Kalbymdan ýöräniň bilýänem dälsiň.
Bilmeýänem bolsaň, unudan sen,
Meň kalbymda weli bakylyk galsyn.

-“Dildar” diýmek “göwün alan” diýmekdir –
Diýipdi bir mahal şahyrlaň biri.
Ogurlyk edenňi bilýänem dälsiň,
Ogurlandym.
Indi men yşk ýesiri.

Bir pursatlyk süýji söhbet edipdik,
Eger bilýän bolsaň, şuny bilýänsiň.
Emma şol pursadyň ömre deňdigin
Eý, dildar, sen entek bilýänem dälsiň!

**22. 01. 2011 ýyl** Goşgular